# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Hünär:** 4.34.05.15 Gidromeliorasiýa
**Kär:** inžener-meliorator

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Gidromeliorasiýa hünäri boýunça taýýarlanylýan inžener-melioratorlaryň wezipelerini hem-de olaryň hünärine bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanylmaly hünärmenleriň sanyny çaklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň hünärlerine laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Hünärmeniň wezipesi

Hünärmen suw hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Gidromeliorasiýa hünäri boýunça hünärmen hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: ýerli, oba hojalyk, suw hojalyk, taslama kärhanalarynyň we guramalarynyň işlerini guramaga we ýolbaşçylyk etmäge; suw, oba we energetika hojalyklarynyň barlag merkezlerinde we bilim edaralarynda ylmy-barlag işlerini ýerine ýetirmäge; suw hojalyk obýektlerine gözegçilik etmäge, suw baýlyklarynyň ulanylyşyny gözegçilikde saklamaga we barlaglary amala aşyrmaga; derýa akymynyň emele gelşini, suw obýektleriniň gidrologiki düzgünini hem-de ýerasty suwlarynyň hereketini we emele gelşini hasaplamaga; suw hojalyk işlerini ýerine ýetirmek üçin zerur serişdeleri hasaplamaga; suw gorlarynyň ýagdaýy hakynda maglumatlary kabul etmäge we gaýtadan işlemäge; görkezijileri seljermegiň esasynda suw hojalyk ulgamlarynyň emele gelşini we ösüşini dolandyrmaga; suw hojalyk desgalaryny we olaryň konstruktiw elementlerini konstruirlemäge; suw hojalyk ulgamlaryny, obýektlerini we desgalaryny taslamak üçin zerur bolan inženerçilik çözgütlerini we ony durmuşa geçirmegiň netijeliligini seljermäge; monitoring geçirmäge hem-de suw obýektleriniň we gorlarynyň kadastryny düzmäge; ölçeg takyklygyny esaslandyrmaga; söwda (tender) üçin taslama resminamalaryny düzmäge; taslama çenlik resminamalaryny işläp taýýarlamaga; ylmy we usulyýet edebiýatlary bilen işlemäge.

Hünärmen suw hojalygy baradaky döwlet komitetine degişli edara-kärhanalarda, ylmy-barlag edaralarynda öz hünäri boýunça ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen wezipelerde işläp biler.

## Hünärmene bildirilýän umumy talaplar

Hünärmen ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Hünärmen köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazarda guramagy başarmalydyr.

Hünärmen ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Hünärmen şu aşakdakylary bilmelidir:

- taslama-konstruktorçylyk işlerini;
- önümçilik-tehnologiki işleri;
- guramaçylyk-dolandyryş işlerini;
- ylmy-barlag işleri.

## Hünärmen şu aşakdakylary başarmalydyr:

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermegi;
- derňew endiklerini bilmegi;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;

- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamly okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- suw hojalygynda häzirki zaman ýokary netijeli, tehniki taýdan kämil inženerçilik ulgamlarynyň taslamalaryny düzmek boýunça işleri ýerine ýetirmegi;
- suw gorlaryny köptaraplaýyn ulanmak işlerine we suw baýlyklaryny rejeli ulanmak baradaky çözgütlere gatnaşmagy;
- “suw gorlaryny toplumlaýyn ulanmak we goramak çyzgydyny” hem-de suw gorlaryny ulanmak we goramak boýunça aýtym ylalaşyklaryny işläp düzmegi;
- aýtymlary, suw hojalyk obýektlerini we önümçiligi ekologiki-ykdysady taýdan baha bermekligi;
- derýalaryň we howuzlaryň tebigy ýagdaýyny dikeltmek boýunça taslamalary işläp düzmegi hem-de iş ýüzünde amal etmegi;
- suw hojalyk obýektlerine täsir edýän taslamalaryň barlaglaryny geçirmegi;
- suw hojalyk taslamalarynyň ekologiki-ykdysady barlagyny geçirmegi;
- suw bilen üpjün etmekde paýlamak işleri hem-de hapalanan suwlary sowmak üçin bent ulgamlarynyň suw hojalygynda häzirki zaman ýokary netijeli, tehniki taýdan kämil inženerçilik ulgamlarynyň taslamalaryny düzmek boýunça işleri ýerine ýetirmegi;
- suw toplaýjy desgalarda tebigaty abadanlaşdyrmak boýunça taslamalary durmuşa geçirmegi;
- tebigy suwy goramak we gowulandyrmak hem-de hapalanan suwlary arassalamak boýunça taslamalary durmuşa geçirmegi;
- suw ulanyş we suwuň ugruny üýtgediji obýektleri taslamak üçin zerur bolan

başlangyç maglumatlary kesgitlemegi;

- suw gurşawynyň takyklanylmadyk we üýtgeýän häsiýetli şertlerinde hojalyklaryň we adamlaryň suwa bolan talaplaryny kanagatlandyrmagyň mümkinçiliklerini kesgitlemegi;

- suw obýektleriniň, suw hojalyk ulgamlarynyň ýagdaýyna baha bermekligi;

- suw obýektleriniň kadastryny düzmegi hem-de monitoringi boýunça işleri ýerine ýetirmegi;

- suw ulanyş pudagynda önümçiligi, zähmeti guramak we dolandyrmak, tehniki gözegçilik, metrologiki we maglumat üpjünçiligi boýunça işleri ýerine ýetirmegi;

- taslama ölçeglerinde niýetlenişine görä desgalaryň netijeli we hemişelik iş ýagdaýyny üpjün etmegi hem-de suw ulanyş pudagynda taýýarlanan taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmek boýunça teklipleri we çäreleri, usulyýet we kadalaşdyryjy resminamalary taýýarlamagy;

- tehniki serişdeleri, ulgamlary, enjamlary we materiallary standartlaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilýän işlere, tehniki resminamalara gaýtadan seretmegi, zerur bolan nusgalary, synlary, netijeleri taýýarlamagy;

- suw ulanyş kärhanalaryny zerur bolan tehniki maglumatlar, resminamalar, materiallar, enjamlar bilen üpjün etmegi;

- suw obýektlerini ulanmak we goramak boýunça kadalaşdyryjy delilnamalary we düzgünnamalary işläp taýýarlamagy we olara täsir edýän taslamalary barlagdan geçirmegi;

- suw kanunynyň düzgünleriniň berjaý edilişini derňemeklige, zyýan ýetirilen tebigy suwy gaýtadan dikeltmek işlerinde barlagy amala aşyrmaga, suw ulanyjylaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmaklyga, döwlet suw kadastrynyň hasabyny ýöretmegi;

- suw hojalyk kärhanalarynyň hem-de guramalarynyň işlerine gözegçilik etmegi;

- kesgitlenen möhletlerde, nusga laýyklykda iş çyzgydyny, sargytlary, haýyşnamalary, gözükdirijileri, düşündiriş ýazgylary, kartalary, shemalary, beýleki tehniki resminamalary düzmegi;

- taslamalary we maksatnamalary, meýilnamalary we şertnamalary durmuşa geçirmekde usulyýet we amalyýet taýdan ýardam etmegi;

- tehniki resminamalary barlagdan geçirmegi, enjamlaryň ulanylyşyna we ýagdaýyna gözegçilik etmegi;

- hereket edýän kadalara, düzgünlere we standartlara laýyklykda bildirilýän talaplaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi;

- suw ulanmakda ýüze çykýan hadysalaryň barlaglaryna, suw obýektlerini goramak boýunça çäreleriň amala aşyrylyşyna, antropogen täsirleriň netijesinde ýüze çykýan hapalanmalary duýdurmaklygy we aradan aýyrmaklygy;

- suwuň gidrogeologiki we gidrologiki kadasynda garaşylýan üýtgeşmeleri çaklamakda suw ulanmak boýunça işleriň netijelerini öwrenmegi we seljermegi.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu hünär boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir. Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlaýan bilim edaralarynyň, hünärmeniň hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamasyny düzmekde esasnama we iş ýazgysy bolup hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň ylalaşmagy esasynda girizilip bilner.